# Eý, adam…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Eý, adam… EÝ ADAM…

Eý adam aýak çek, nirä alňasap
Barýarsyň daýanman, sen öňe sary.
Sägin-de nazar sal geçen ýoluňa,
Bir söhbet edeli hany, dur bäri.

Hany, öňki mylaýymlyk nirede,
Hany gadyr, dost-dogana gardaşa?
Goňşyňy göreňde ters bakyp geçýäň
Herne öte geçýän dälsiň-dä aşa?!

Hany gatnan öňki goňşy okara
Ýa-da ýolda synyp boldymy bibat?
Hany, höwes künjä, juwaz jykyra,
Ýene saglygyňdan edýärsiň bidat.

Hany türkmençilik, edep-ekramyň,
Ýa-da ýele sowurdyňmy baryny.
Ýitiren dälsiň-le, ýörelgäň, däbiň,
Gana siňen ata-babaň aryny.

Henizem bir pille, ser salyp yzyň,
Könämizem ýatlap duraly häli.
Çak boldy paýhaslan jemläp akylyň
Nesillermiz nälet okamaz ýaly.

■ **«Men seniñ ýanyñy bararyn läläm»**

Arzuwlarym ýetiir seni ak daňa
Men seniñ ýanyña bararyn läläm
Arzuw kararymy bagyş edip saña
Men seniñ ýanyña bararyn läläm.

Yşkym artýar gözde galan öýmäñe

Ýürek telwas urýar ýüzüñ görmäge
Ykbal seni beren baky söýmäge
Men seniñ ýanyña bararyn läläm.

Serwiden syratly seniñ boýlaryñ
Balkyldaýan gözleriñden doýmaryn
Saña sary çekdim ömür ýollarym
Men seniñ ýanyña bararyn läläm.

Garaş maña garaşmakdan ýadama!
Şundan uly bagt bormy adama?
Ikimizem yşk meýinden dadana!
Men seniñ ýanyña bararyn läläm.

Orakbaý ŞYHYÝEW. Goşgular